**Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi**

**BANKLARDA BUHGALTERÇILIK**

**HASABA ALNYŞY**

dersi boýunça "Buhgalterçilik hasaba alnyşy", "Maliýe we karz" hünärleriniň

II ýyl talyplary üçin

**Mugallym: G.Mamedowa**

**1-nji tema_Banklarda buhgalter hasaby dersiniň predmeti we usullary.**
(2 sagatlyk)

***Umumy sapagyň meýilnamasy:***

1. Türkmenistanyň bank ulgamyna häsiýetnama.
2. Banklarda buhgalter hasabynyň guralyşy.
3. Banklarda buhgalter hasabynyň predmeti.
4. Banklarda buhgalter hasabynyň usullary.

***Tema degişli edebiýat:***


1. Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" I-II tomlary. 2010.
2. Paýhas çeşmesi. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat. 2016.
3. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2010.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
5. "Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda" Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2011.
6. Geldimuhamedowa O.M., Geldiýewa H.Ç. "Banklarda buhgalter hasaby" okuw gollanmasy.


## 1.Türkmenistanyň bank ulgamyna häsiýetnama.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda bazar ykdysadyýetiniň düzgünlerine gabat gelýän bank ulgamyny döretmeklik iki derejeli bank ulgamyny gurmakdan başlandy. Munuň üçin 1991-nji ýylyň dekabr aýynyň 31-ne kabul edilen "Ykdysady özgertmeleriň maliýe-karz üpjünçiligi we Türkmenistanyň bank ulgamynyň täzeden gurnalmagy baradaky" Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany esasynda ýurtda Türkmenistanyň Merkezi banky döredildi we oňa Türkmenistanyň

çäklerinde milli puluň hümmetini berkitmek maksady bilen pul-karz we walýuta syýasatyny alyp barýan ýeke-täk edara statusy berildi.

Şeýle-de ilatyň, edara kärhanalarynyň we beýleki ykdysady birlikleriniň tygşytlan pul serişdelerini saklamak olary karzlaşdyrmak hem-de dürli bank hyzmatlaryny hödürlemek üçin bank ulgamaynyň 2-nji derejesini emele getirýän täjirçilik banklary döredilmäge başlandy.

Türkmenistanda häzirki wagtda iki derejeli bank ulgamy hereket edýär maliye ulgamyny düzgünleşdiriji bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär.

**Türkmenistanyň Merkezi banky** – bu ýurduň çäginde işjeň hereket edýän milli bank bolup, Türkmenistan döwletiniň adyndan onuň tabşyrygy boýunça halkara hasaplaşyklaryny ýerine ýetirmeklige, ýurdyň içinde pul-karz gatnaşyklaryny sazlaşdyrmaklyga, dolanşyga pul göýbermeklige hem-de dolanşykdan puly yzyna almaklyga, bank ulgamyndaky 2-nji derejeli banklara işlemeklik üçin ygtyýarnama bermeklige doly hukugy bolan bank edarasydyr. Onuň işi 1993-nji ýylyň oktýabr aýynyň 8-ne kabul edilen "Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki hukuk namalaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky Yurdumyzyň çäklerinde döwletiň pul-karz we daşary ýurt puly syýasatyny alyp barýan ýeke-täk edaradyr. Bu syýasatyň baş maksady milli puluň satyn alyjylyk ukybyny pugtalandyrmakdan,şeýle hem täjirçilik banklarynyň işini kadalaşdyryjy-hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

Şunuň bilen baglylykda 1993-nji ýylyň oktabrynda "Tajirçilik banklary we bank işi hakynda " Türkmenistanyň kanunyny kabul edildi.

Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçmegini şertlendirýän, ykdysadyýetiň önümçilik, üpjünçilik, söwda we eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli täjirçilik sektorynyň döredilmegi netijesinde, olara laýyk karz kärhanalarynyň boldumlylygyny talap edýän täjirçilik banklary döredildi. Döwletiň çäklerinde hereket edýän täjirçilik banklary maliýe ulgamynyň bir bölegidir.

**Täjirçilik banklary** – bu ýuridiki taraply täjirçilik edarasy bolmak bilen Türkmenistanyň Merkezi bankynyň beren ygtyýarnamasy esasynda edara we şahsy taraplardan pul serişdelerini goýuma çekmäge hem-de şol serişdeleri möhletli, yzyna gaýtaryp bermek, töleglilik şerti bilen öz adyndan ýerleşdirmeklige we beýleki bank amallaryny ýerine ýetirmäge doly hukugy bardyr.

**Paýdarlar täjirçilik banklary**- bu täjirçilik banklarynyň paýly esasda döredilmegidir.

Täjirçilik banklarynyň edara tarap bolmagy bilen özbaşdak bolup, hojalyk hasaplaşygy esasynda öz –özüni dolandyrmak we maliýeleşdirmek arkaly öz işlerini ýerine ýetirmekligi, onuň ustawynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynda bellige alynan pursatyndan başlanýar. Täjirçilik banklary ýurdyň çäginde we daşynda öz şahamçalaryny açyp bilýärler.

**Şahamçalar** – bu edara görnüşli tarap bolman, Türkmenistanyň Merkezi bankynda hasaba alynan we bank müdirýetiniň başlygynyň tassyklan "Bölümler baradaky" düzgünlerine laýyklykda Baş bankyň rugsat beren amallaryny ýerine ýetirýär.

Häzirki döwürde ýudumyzyň çäginde eýeçiligiň dürli görnüşlerine degişli 10 sany bank öz işjeňligini alyp barýar.

Olaryň 5-si Türkmenistanyň döwlet täjirçilik banklary (DTB), 3-si Türkmenistanyň paýdarlar täjirçilik banklary (PTB), 2-si daşary ýurt gatnaşmagyndaky daşary ýurt banklarynyň bölümleridir.

**1.** Türkmenistanyň “Döwlet daşary ykdysady” DTB
**2.** Türkmenistanyň “ “Türkmenistan” DTB;
**3.** Türkmenistanyň “ “Türkmenbaşy” DTB;
**4.** Türkmenistanyň “ “Daýhanbank” DTB;
**5.** Türkmenistanyň “ “Halkbank” DTB;

**Türkmenistanyň paýdarlar täjirçilik banklary.**

**1.** Türkmenistanyň “Senagat” PTB;
**2.** Türkmen-türk bilelikdäki PTB;
**3.** Türkmenistanyň “ Rysgal” PTB;

**Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar:**

**1.** Eýranyň “Saderat” bankynyň bölümi;
**2.** Pakistanyň milli merkezi bankynyň bölümi.

Täjirçilik banklarynyň karz ulgamynda ugur kesgitleýji ähmiýetiniň bardygyny belläp geçmek zerurdyr. Olaryň karz syýasatyny özbaşdak amala aşyrmaga doly mümkinçilikleri bardyr. Şol bir wagtyň özünde-de Türkmenistanyň döwlet täjirçilik banklarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyndan tapawutlylykda karzy (puly) emissiýa etmäge (çykarmaga) hukugy ýokdur. Mundan başga-da, olar karz serişdelerini ýerleşdirenlerinde daşyndan çekilen serişdelerini ulanmalydyrlar. Käbir döwlet täjirçilik banklarynyň üstüne umumy döwlet bähbitli wezipelerini ýerine ýetirmeklik wezipesi ýüklenendir, olara merkezleşdirilen karzlary ýa-da daşary ýurt banklaryndan çekilen karz serişdeleri maksada laýyk ýerleşdirmäge rugsat berilýär.

Türkmenistanyň paýdarlar täjirçilik banklary we daşary ýurt banklarynyň bölümleri esasan hem döwlete degişli däl hususy eýeçilikdäki müşderilere maliýe -hasaplaşyk hyzmatlaryny amala aşyrýarlar.

Täjirçilik banklarynyň şu aşakdaky bank amallaryny we geleşiklerini amala aşyrmaga hukuklary bardyr:

- müşderileriň we habarçy banklaryň şol sanda daşary ýurtlaryň hasabyny açmak we ýöretmek;
- müşderileriň we habarçy banklaryň tabşyryklary boýunça hasaplaşyklar geçirmek we olara kassa hyzmatlaryny ýetirmek;

- goýum çekmek we karz alyjynyň ylalaşygy boýunça karzlary bermek;
- düýpli maýa goýum serişdeleriniň eýesiniň ýa-da oňa ygtyýarlyk edijiniň tabşyrygy boýunça şeýle-de bankyň öz hususy serişdeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek;
- paýnamalary we beýleki gymmat bahaly kagyzlary çykarmak.Öz hasabyna ýa-da müşderileriň hasabyna töleg resminamalaryny we gymmat bahaly kagyzlary satyna almak, satmak we saklamak şeýle-de olar bilen hereket edýän kanunlarda gadagan edilmedik beýleki amallary geçirmek;
- pul görnüşinde ýerine ýetirmegini göz öňünde tutýan üçünji tarap üçin kepilnama, zamun we beýleki borçnamalary bermek;
- edara görnüşli we şahsy taraplardan şol sanda daşary ýurt taraplardan, daşary ýurt nagt pullaryny we hasaplarda hem goýumlarda duran daşary ýurt pullaryny satyn almak we satmak;
- Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda gymmat bahaly metallary, daşary we olardan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarnamasy boýunça ýasalan önümleri kabul etmek we saklamak;
- Bank işi bilen baglanşykly maslahat hyzmatlaryny ýerine ýetirmek şol sanda müşderiniň düýpli goýumlarynyň dolandyryjysy, maslahatçysy, maliýe wekili hököminde hyzmatlary amala aşyrmak;
- Bankyň hususy serişdeleriniň hasabynda enjamlary, ulag serişdelerini we beýleki emläkleri kärendesine bermek üçin satyn almak;
- Hereket edýän kanunlara laýyklykda gozgalmaýan emläkler bilen girewine goýmak boýunça amallary geçirmek;
- Türmenistanyň kanunalaryna gadagan edilmedik we beýleki degişli ygtyýarnamasy bar bolan amallara we geleşikleri amala aşyrmak.

Türkmensitanyň ähli banklary öz müşderileriň we gatnaşyjylaryň amallary, hasaplary we goýumlary boýunça syr saklamagy kepillendirmelidirler

Edara görnüşli taraplaryň amallary we hasaplary boýunça güwanamalar, müşderileriň özlerinden başga-da olaryň wekillerine, kazyýetlere we barlag edaralaryna berilýär.

Türkmenistanyň bank ulgamy bazar ykdysadyýetine geçmekde esasy düzüm birligi hasaplanylýar. Ýurdyň ykdysadyýetinde bazar şertleriniň ornaşdyrylmagy onuň esasy ösüş derejesi bilen berk arabaglanşykly bolýar. Ösen bank ulgamy bolmadyk ýurduň ösen ykdysadyýeti bolup bilmeýär. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň bank ulgamy –ykdysadyýetiň iň bir depginli özgerýän bolegi bolup durýar. Türkmenistanyň bank ulgamynyň öňünde goýýan esasy meseleleriniň biri-de milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek, müşderiniň ynam bilen goýýan serişdelerini mundan beýläk hem saklamak, ony netijeli ullanmak hem-de hyzmatlaryň dürli görnüşlerini hödürlemek arkaly ykdysadyýetiň ösmegine uly ýardam bermekden ybaratdyr.

## 2. Banklarda buhgalter hasabynyň guralyşy

Buhgalter hasaby banklaryň serişdeleriniň köp taraplaýyn görkezilmegini we gözegçiligini öz içine alýar, olaryň döreýiş çeşmelerini açyp görkezmeklige

mümkinçilik döredýär. Buhgalter hasabynyň ähli hasap maglumatlary kesgitlenilen görnüşlerde doldurylyp, ilkinji hasap resminamalarynyň esasynda üznüksiz, bütewi we yzgiderli tertipde alynyp barylýar. Şeýlelik-de, buhgalter hasabynyň hökmany suratda resminamalaşdyrylmagy we subutnamalaşdyrylmagy gazanylýar. Bu bolsa, buhgalter hasabynyň maglumatlarynyň hukuk binýadyny berkidýär.

Buhgalter hasaby- bu resminamar esasynda hojalyk-maliýe işjeňligini baha görnüşinde tutuşlaýyn, üznüksiz we arabaglanyşykly ýazga geçirmekdir.

Banklarda buhgalter hasabyny ýöretmeklik üçin degişli guramanyň bolmagy hökmandyr. Şol sebäpli, banklarda buhgalteriýa bölümleri döredilýär. Buhgalteriýanyň gurluşy we ondaky işgärleriň sany, bankyň ululygyna ýöriteleşdirilişine , şeýle-de ýerine ýetirilýän amallaryň göwrümine baglydyr .

Buhgalteriýanyň işiniň netijeliliginiň wajyp şerti hökmünde, onuň gurluşy we hasap işgärleriniň ýerli-ýerinde dogry goýluşy çykyş edýär. Muňa buhgalteriýanyň düzümi diýilýär. Banklarda buhgalteriýanyň düzümine: hasap - amallary, içerki bank amallarynyň hasaby, bankara hasaplaşyklary, kassa we hasap işleri bilen baglanyşykly beýleki bölümler girýär. Banklarda ýerine ýetirilýän işleriň hili, pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň aýawly saklanylyşynyň üpjün edilişi, amala aşyrylýan amallara edilýän gözegçiligiň netijeliligi, belli bir derejede buhgalter hasabynyň dogry guralyşyna baglydyr.

Banklarda buhgalteriýanyň işine baş buhgalter ýolbaşçylyk edýär. Ol bankda hasap syýasatynyň emele gelşine, buhgalter hasabynyň ýagdaýyna we guralyşyna, hasabatyň dogry düzülişine we öz wagtynda tabşyrylyşyna, amala aşyrylýan amallaryň düzgün boýunça berk we takyk ýerine ýetirilip, gözegçilik edilişine jogapkärdir.

**Buhgalter hasaby gurnalanda şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça işler geçirilýär:**

- ilkinji hasap we amallary resminamalaşdyrmak;
- buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyny düzmek;
- buhgalter hasabynyň görnüşini kesgitlemek;
- hasaplaýyş işlerini gurnamagyň görnüşini kesgitlemek;
- hasabatyň möçberini we mazmunyny kesgitlemek.

Buhgalter hasabynda şu gurluş hökmany göz öňünde tutulmalydyr:

1. Bankda amala aşyrylan ähli hojalyk amallaryny bütewi, üznüksiz, resmi taýdan esaslandyrylan we arabaglanyşykly hasaba almak. Buhgalter hasabynyň ýazgysy üçin esas bolup, subutlaşdyrylan ilkinji hasap resminamalary çykyş edýärler. Olarda hojalyk amallaryny geçirmeklige buýruklar we amalyň bolup geçendigine şaýatlyk edýän subutnamalar bolmalydyr;

2. Pul serişdeleriniň we emläkleriň kassa harajadynyň hasaby. Hasap serişdeleriň toplanan pursadyna däl-de, amallaryň hakyky amala aşyrylan pursadyna esaslanylyp alynyp barylýar;

3. Buhgalter hasabyny ýöretmeklige we buhgalter hasabatyny düzmeklige borçly hojalyk subýektlerini kesgitlemek.

## 3. Banklarda buhgalter hasabynyň predmeti.

**Banklarda buhgalter hasabynyň predmetleri**- hökmünde hojalyk serişdeleri we olary döretmegiň çeşmeleri, müşderileriň serişdeleri we bankyň hususy serişdeleri çykyş edýär.

**Bankyň hususy serişdeleri** diýip, bank tarapyndan özünüň maliýe durnuklylygyny, täjirçilik we hojalyk işjeňligini üpjün etmek üçin döredilýän gorlara hem-de hasabat we geçen ýyllaryň netijesinde dörän peýda düşünilýär.

Banklaryň hususy serişdelerine esaslyk gazna (maýa), ätiýaçlyk gaznasy, bankyň girdejisiniň hasabyna döredilýän beýleki gaznalar, seýle-de ýylyň dowamynda paýlanylmadyk peýdasy girýär.

**Esaslyk maýa-** bankyň işlemeginiň ykdysady esasy we bankyň ýuridiki tarap hökümünde döredilmeginiň hökmany şerti bolup durýar. Täjirçilik banklary üçin esaslyk maýanyň hökmany möçberi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýär. Döwlet täjirçilik banklary üçin, onuň möçberi 10 mln amerikan dollary, beýleki banklar üçin bolsa 5 mln amerikan dollary möçberinde bellenilendir.

**Ätiýaçlyk gory**- salgyt tölenilenden soňra, bankyň özüne galýan arassa peýdasynyň hasabyna döredilýär. Bu gor bankyň işjeňligi döwründe bolup biläýjek ýitgileri ýapmak üçin şeýle-de onuň işjeňliginiň durnuklylygyny üpjün etmeklige niýetlenilendir.

Bankyň arassa peýdasynyň hasabyna dürli maksatlar üçin gorlar döredilýär:

- depozitleri ätiýaçlandyrmak gory;
- işgärlere geljekde töleg etmeklige niýetlenilen gor;
- önümçiligi ösdürmek gory;
- karzlar boýunça bolup biläýjek ýitgileriň gory.

Bank serişdeleriniň esasy çesmesi bolup, bank müşderileriniň goýumlary çykyş edýär. Ýöne, başga biriniň maýasyny çekmek üçin bankyň özünde ýeterlik hususy serişdeleriniň bolmagy hökmandyr.

## 4. Banklarda buhgalter hasabynyň usullary

Buhgalter hasabyny ýöretmekligiň usullary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. **Resminamalaşdyrmak-** bu ýerine ýetirilen hojalyk amallarynyň ýazmaça tassyknamasydyr. Resminamalaşdyrmak buhgalter hasabynyň maglumatlaryny hukuk taýdan esaslandyrmaklyga we hojalyk işjeňliginiň tutuşlygyna , üznüksiz ýazgy edilmegini üpjün edýär.

2. **Tükellemek-** bankyň balansynda oturdylan maddy gymmatlyklaryň (esasy we dolanyşyk serişdeleriniň) barlygyna, olaryň aýawly we düzgüne laýyk saklanylýandygyna hem-de hasap maglumatlarynyň hakykylygyna wagtly-wagtynda geçirýän barlagydyr.

3. **Hasaplar we iki taraplaýyn ýazgy-** buhgalter hasaplary bir meňzeş hojalyk amallaryny toparlara jemlemek we gündelik hasabyny ýöretmek üçin ulanylýar. Iki görnüşdäki hasaplar bolýar: aktiw we passiw hasaplar. Hasaplaryň görnüşlerine garamazdan, olaryň düzülişi birmeňzeş bolýar: ol iki taraplaýyn tablissadyr, onuň çep tarapy-debet, sag tarapy bolsa- kreditdir.

Hojalyk amallarynyň mazmunyna baglylykda, onuň möçberi boýunça: bir hasabyň debet we beýleki bir hasabyň bolsa kredit tarapynda, iki sapar ýazgy edilýär. Bu bolsa iki taraplaýyn ýazgy diýip atlandyrylýar. Iki taraplaýyn ýazgy bankyň hojalyk işjeňliginiň buhgalter hasabynda arabaglanyşykly suratlandyrylmagyny üpjün edýär. Mundan başga-da, ol uly gözegçilik ähmiýetine eýýedir, sebäbi hasaplar boýunça geçirilen ýazgylaryň hökman deň bolmalydygy talap edilýär.

4. **Bahalandyrmak-** emlägiň hasabyny pul görnüşinde ýöretmek üçin onuň bahasynyň kesgitlenilmegidir.

5. **Kalkulýasiýa** (hasaplamak) – önüm öndürmek we ony ýerlemek üçin harajatlaryň pul görnüşinde hasaplanylmagydyr.

6. **Hasabat-** bank edaralary tarapyndan, öz işjeňligi barada wagtly-wagtynda hasabat düzmekdir. Bankyň maliýe ýagdaýy barada maglumat berýän esasy hasabat balansdyr.

7. **Balans -** deňagramlylyk diýmegi aňladýar. Balansyň iki tarapy bolup, ol aktiw we passiwden ybaratdyr. Balansda aktiwiň jemi hemişe passiwiň jemine deň gelmelidir. Aktiw we passiw taraplarda bankyň hojalyk serişdeleri, olary döretmekligiň çeşmeleri we ulanmagyň ugurlary hem-de hasabat döwrüniň başyna we ahyryna bankyň işjeňliginiň maliýe netijeleri görkezilýär.

**Barlag soraglary:**

1. Ýurdumyzda hereket edýän iki derejeli banklar bar we olaryň aýratynlyklary.
2. Banklarda buhgalter hasaby näme?
3. Banklarda buhgalter hasabynyň predmetleri hökmünde nämeler çykyş edýär?

4. Banklaryň esaslyk maýasynyň ykdysady esasy.
5. Bankyň arassa peýdasynyň hasabyna dürli maksatlar üçin nähili gorlar döredilýär?
6. Hasaplar we iki taraplaýyn ýazgy näme?
7. Tükellemek näme?